***Hytaýyň tehnologiýa ägirdi «Alibaba Group Holding» kompaniýasy 27-nji noýabrda ösüp barýan «akylly» äýnek bazarynda orun almagy maksat edinýän emeli intellekt bilen işleýän ilkinji äýneklerini tanyşdyrdy diýip, «South China Morning Post» habar berdi.***

Bellenilişine görä, bu enjam «Quark AI Glasses» diýlip atlandyrylýar we iki modelde çykarylýar: S1 we ýeňil G1.



S1 modeli 3799 ýuandan (takmynan 537 dollar) başlaýar. Ol «Qualcomm»-yň «Snapdragon AR1» prosessory we pes kuwwatly iki çipli ulgam bilen üpjün edilen. Alibaba tanyşdyryş dabarasynda modeliň gündelik durmuş üçin kömekçi hökmünde hereket etjekdigini aýtdy. Onuň mümkinçiliklerine ulanyjynyň soraglaryna jogap bermek, hakyky wagtda terjime etmek, tölegler we nawigasiýa girýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены